**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGINIŇ SALGYT MÜDIRIÝETI**

744028, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156j
Tel.:39-43-78, Faks: 98-21-85
E-mail info@tax.gov.tm

**MINISTRY OF FINANCE AND ECONOMY OF TURKMENISTAN TAX ADMINISTRATION**

744028,156. Archabil avenue., Ashgabat c.,
Phone: 39-43-78, Fax: 98-21-85
E-mail info@tax.gov.tm

«24» 12 2019 ý. №5282/1

**Welaýatlar we Aşgabat şäher salgyt bölümlerine**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýeti, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň 2019-njy ýylyň 23-nji dekabryndaky 12/Min-11972 belgili hatyny ýollaýar.

Ýokarda görkezilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky salgyt bölümleriniň we gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna ýetiriň.

Goşundy: elektron görnüşinde.

**Başlygyň wezipesini ýerine ýetiriji** **M.Allaberdiýew**

TÜRKMENISTANYŇ
MALIÝE WE
YKDYSADYÝET
MINISTRLIGI

744028, Türkmenistan, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156
Tel.: 39-45-05; Faks: 98-21-35
E-mail: omeft@online.tm

MINISTRY
OF FINANCE
AND ECONOMY
OF TURKMENISTAN

744028, 156, Archabil avenue, Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 39-45-05; Fax: 98-21-35
E-mail: omeft@online.tm

«23» 12 2019 ý.     № 12/Min-11972

TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGINIŇ SALGYT MÜDIRIÝETI
Gelen № 9034
«24» 12 2019 ý.

**Welaýatlar we Aşgabat şäher
Baş maliýe we ykdysadyýet
müdirliklerine**

**Welaýatlar we Aşgabat şäher
Salgyt bölumlerine**

**Türkmenistanyň Döwlet
gümrük gullugyna**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, 2019-njy ýylyň 30-njy noýabryndaky 212-VI belgili "Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen şu aşakdakylary habar berýär.

2019-njy ýylyň 30-njy noýabryndaky 212-VI belgili "Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň üçünji böleginde, "Şu Kanunyň birinji böleginiň 1-nji bendiniň 4-nji kiçi bendi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 3-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen möhletlerde herekete girizilýär." diýip bellenilen.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynda, salgyt bellenende hasabat (salgyt) döwri kesgitlenip, şeýle hem salgyt ýeňillikleri, salgyt töleýjiniň olary ulanmagy üçin esaslar göz öňünde tutulyp bilner diýip görkezilen.

Bitewi kanunyň 38-nji maddasynda bolsa, salgyt özeniniň we tölemäge degişli salgydyň möçberiniň hasaplanýan wagt aralygy salgyt döwri diýlip hasap edilýär. Salgyt döwri şu Bitewi kanun tarapyndan salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri babatynda bellenýär.

Salgyt döwri bir ýa-da birnäçe hasabat döwründen ybarat bolup biler diýip beýan edilen.

Bitewi kanunyň 3-nji maddasynyň ikinji bölegi esasynda bolsa, şu Bitewi kanuna üýtgetmeler girizýän, täze salgytlary belleýän ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgedýän Türkmenistanyň kanunlary resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir aýyň geçmegi bilen, ýöne degişli salgyt boýunça nobatdaky hasabat döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-inden ir bolmadyk möhletde güýje girýär.

2019-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 212-VI belgili "Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, metbugatda resmi taýdan 2019-nji ýylyň 14-nji dekabrynda çap edildi we resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir aýyň geçmegi bilen, güýje girýär.

Bitewi kanunyň 121-nji maddasyna laýyklykda, salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça tölegler üçin salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenýär.

**Goşmaça töleg boýunça:**

119-njy maddasynyň herekete girýän möhleti:

- öndürilýän harytlar boýunça nobatdaky hasabat döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-i, ýagny 2020-nji ýylyň 1-nji fewraly;
- Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça 2020-nji ýylyň 14-nji ýanwary.

Ýokarda görkezilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky Maliýe we ykdysadyýet bölümleriniň, salgyt bölümleriniň, gümrük gullugynyň edaralarynyň, şeýle hem salgyt töleýjileriň (gyzyklanýan taraplaryň) dykgatyna ýetiriň.

**Ministr** **B. Bazarow**